# Ukrain halky has azat durmuşda ýaşamagy arzuw edip bilmezmi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ukrain halky has azat durmuşda ýaşamagy arzuw edip bilmezmi?
UKRAIN HALKY HAS AZAT DURMUŞDA ÝAŞAMAGY ARZUWLAP BILMEZMI?




Türk jemgyýetçiligi hemme meselede bolşy ýaly Ukraina meselesinde-de ikä bölündi.
ABŞ-nyñ peýdasyna bolup biljek islendik zada garşy çykýan sosialist intellektuallarymyz awtomatiki ýagdaýda Putiniñ tarapyny tutýar.
Putin bolsa ukrain şäherlerini bir hepdäniñ içinde on ýyllyk uruşda harabalyga öwrülen Siriýanyñ şäherlerinden ibaly ýerini goýmady, gaýtam sowuk ýüzi bilen kameralara seredip, ýañsa alýan ýaly «Goñşularymyza bolan erbet niýetimiz ýok» diýýär.
Rus goşuny dygysyz diýen ýaly ýönekeý ilatyñ ýaşaýan ýerlerini bombalaýar. 1 million 300 müñ ukrainaly goñşy ýurtlara sygyndy.



Yzda galanlaram çaga-çuga diýmän ýeriñ aşagyna sümülip, metro beketlerinde, jaýlaryñ podwallarynda we ýerzeminlerde gün görýär.
Ukrain oba-kentlerinde rus tanklarynyñ öñüne çykan ukrainaly raýatlar gahar-gazap we alaçsyzlyk içinde «Yzyñyza dolanyñ, sizi islämzok, ýurdumyzy basyp almaga hakyñyz ýok!» diýip gygyryşýarlar.
Polşa gitmekçi bolup, ejesi bilen otla münen on ýaşlyja ukrainaly gyzjagaz yzda galan kakasy üçin aglaýar. Ol gözünden akýan ýaşyny eli bilen sylyp durka: «Kakam gahrymanlarymyza kömek etmek üçin galdy, şonuñ gaýgysyny edýärin» diýýär.



Moskwanyñ Gyzyl ploşadyna toplanan uruşa garşy birtopar demonstrasiýaçynyñ arasynda 85-90 ýaşly eli hasaly rus kempiri köpçüligiñ daşyny gurşap duran polisiýa işgärleriniñ şefine: «Men Stalingrad gabawynda boldum. Şäheri ukrainalylar bilen bile goradyk. Indi siz olary bombalaýarsyñyz, bu ýalñyş» diýip gygyrýar.
Şefiñ ýeke ümlemesi bilen iki ýaş polisiýa işgäri garry görgülini süýräp, polisiýanyñ awtobusyna mündürýär.
«Ýok bolsun, uruş!» diýýän rus eneleri ýanlaryndaky 10-12 ýaşly çagajyklary bilen bile tussag astyna alynýar.
Hiç kimse «Мама, помоги!» diýip aglaşýan kiçijik gyzlara gañrylybam seredenok. Ýüregiñi elendirýän bu dramatiki

sahnalar biziñ intellektualsyraýan gatlaklarymyzy ynjalykdan gaçyranok, gaýtam tersine, «Bularyñ barsy ABŞ-nyñ günäsi. ABŞ we NATO Putiniñ degnasyna degdi. Ýogsam ol gowy adam» diýen ýaly pikiri öñe sürýärler.
Hiç kimse ABŞ-nyñ arkasyny tutanok. Günbataryñ jiltlere sygmajak günäsi we birnäçe meselede alyp baran ikiýüzli syýasaty Putiniñ ýönekeý ilatyñ depesinden bomba ýagdyrýan gözi ganly ganhordygy hakykatyny üýtgedenok.

- **Eýsem, Putiniñ özi Ukraina meselesinde näme diýýär?**

Taryhda Ukraina diýen döwletiñ bolmandygyny, şeýle-de bu ýurduñ Russiýanyñ bir bölegidigini öñe sürýär.
Olam az bolýan ýaly, Ukrainanyñ Prezidenti Wladimir Zelenskiniñ aslynyñ jöhitdigine garamazdan, bu ýurduñ hökümetine neonasistik hökümet diýip baha berýär.
Siz, heý, asly jöhit neonasist gördüñizmi ýa eşitdiñizmi?
Akly-huşy ýerinde bolan adam özüni gülkünç ýagdaýa düşürjek şular ýaly açyk ýalany sözlärmi?
Akly-huşy ýerinde bolsa diýmegimiñ özüne ýetik sebäbi bar: Eger bir ýurduñ prezidenti pishologiýasy düzüw we näme edýändigini bilýän biri bolsa, öz ministrlerini 30-40 metrlik stolyñ añry ujynda oturdyp, özi bir ujunda oturyp gürleşermi?



Sosialist intellektuallarymyzyñ öñe sürýän pikirine gelsek, olar «Zelenskiý MRU-nyñ adamy», «Oligarhlaryñ adamy» diýýärler.
Bolup biler. Zelenskiý artistlik edip ýören ýerinden ýeke saýlawda halkyñ agramly böleginiñ sesini alyp häkimiýete gelen biri. Ýagny ol döwlet agdarlyşygyny gurnap gelmedi.
Häzirki Ukraina demokratiýa we adam hukuklary boýunça bar bolan ähli kemçiliklerine garamazdan azatlyklar babatda Putiniñ Russiýasyndan kän gowy ýurt.

- **Eýsem, Ukraina we Zelenskiý näme isleýär?**

NATO girmek we ÝB-niñ hataryna goşulmak isleýär.
Başgaça aýdanda, has azat, has gönençli ýurt bolasy gelýär.
Munuñ nämesi ýalñyş?
Bu zatlar elli ýyl bäri Ýewropanyñ gapysyny garawullaýan Türkiýäniñem isleýän zady dälmi näme?
Çepçilerimiz Türkiýäniñ Ýewropa we Günbatar dünýäsi bilen bitewileşmegini isläp, goldap, şol zatlary isleýän Zelenskä we ukrain halkyna nämüçin garşy çykýar?
Mundan altmyş ýyl öñ biz Türkiýe bolup NATO-nyñ düzümine nämüçin girdik? Sowet we rus howpy sebäpli dälmi?
NATO girilmese, belki-de, segseninji ýyllarda ýa-da ondanam öñ ruslaryñ nyşanasy Owganystanyñ ýerine Türkiýe bolup bilmezmidi?
Ikinji jahan urşundan soñ Gündogar Ýewropa ýurtlaryny ýekänme-ýekän kim basyp aldy? Altmyşynjy ýyllarda sowet tanklary Praga, Warşawa ýa-da Budapeşte parad geçirmek üçin girdimi?
Hiç kimse Zelenskiý hökümetiniñ süýtden çykan ak çemçe däldigini ýa-da Günbataryñ ikiýüzli ülñüsidigini inkär edenok.
Emma wyždanymyz diri bolsa, şu açyk hakykaty görmäge borçludyrys:
Has köp demokratiýa, adam hukuklaryny we ykdysady ösüş isleýän ýurt güýçli we diýdimzor super güýç tarapyndan jezalandyrylýar.
Bar tutaryklary-da şu: Sen menden aýrylsañ, maña howp bolarsyñ.
ÝB-ne we NATO giren Rumyniýa, Slowakiýa, Çehiýa, Polşa, Wengeriýa ýa-da Pribaltika ýurtlarynyñ haýsy biri soñky otuz ýylda Orsyýete howp abandyrdy?
Jogap: Hiç biri.
Putiniñ esasy gorkýan zady – Gündogar Ýewropa ýerleşdirilen amerikan raketalary däl-de, Russiýanyñ çäklerine çenli ýaýylan demokratiýa, adam hukuklary we azatlyklar.
Özbaşdak, demokrat we ösen Ukraina, Rumyniýa ýa-da Polşa rus halkyny-da şol zatlary islemäge höweslendirip biljekdigi üçin Orsyýete howp döredýär.

Bular ýaly oýanyşlar Putiniñ diktatorçylykly häkimiýetiniñ soňy diýmek.
Biziñ intellektuallarymyz Ukrainanyñ okkupasiýasyna tutaryk hökmünde Russiýanyñ bu ýurduñ ýerasty baýlyklaryna bolan işdäsini ýa-da Moskwanyñ gaz artykmaçlygy arkaly Ýewropany özüne hasam mätäç ýagdaýa getirmek we gazyñ bahasynyñ gymmatlamagyndan ummasyz peýda görmekdigini öñe sürýärler.
Russiýanyñ gözi diñe ýerasty baýlyklarda bolsa, Ukrainadan on esse köp baý ýataklara eýe goñşusy Gazagystany basyp alardy, özem muny şeýdende hiç hili goh-galmagalam bolmazdy.
Hiç bir Günbatar ýurdy «Nämüçin Gazagystany basyp aldyñ?» diýip Orsyýetden soramazdy, ýatlaryna-da bolmazdy.
Şeýle-de edil häzir gaz geçirijilerini ýalan ruslar däl, Günbatar.
Nemesler Russiýadan «Demirgazyk akym -2» gaz geçirijisiniñ üstünden has amatly baha gaz alyp biljekdigine garamazdan kansler Şols düýbünden tersine hereket edip, gaz geçirijiniñ gurluşygyny goýbolsun etdi.
Uruş Ýewropanyñ ruslara bolan gaz garaşlylygynyñ boljakdygyna has ir düşünmegine getirdi we dessine alternatiw energiýa gözleglerine başladylar.
Gazyñ bahasynyñ gymmatlamagy ruslara gysga aralykda peýda getirse-de, orta we uzak aralykda gaza öñküsi ýaly zerurlyk bolmajakdygy üçin utulan ýene ruslar bolar.
Galyberse-de, nemesler 2030-njy ýyla çenli ähli awtoulag serişdelerini elektrik togy bilen işletmegi meýilleşdirýärler.
Çepçi intelleltuallarymyz uruşy «NATO we ABŞ meçew berdi, ukrainalylar oýnaldy» diýýärler.
Beýle diýmegiñ özi ukrain halkynyñ akyl-paýhasyny we mantygyny ýañsylamakdyr.



**• Ukrainanyñ halky we döwleti 2008-nji ýylda Gürjüstan tejribesini ýatdan çykaryp bilermi?**

Ýa bolmasa, 2014-nji ýylda Krymy anneksirläp, yzyndanam Donbas oblastyny hiç zat bolmadyk ýaly basyp alan Russiýa garşy hiç zat etmedik Günbataryñ doly uruş tursa we okkupasiýa wagtynda özlerini goramajagyny 44 millionlyk Ukrainada hiç kim pikir edip bilmezmi?

Uzak aralykdan, Türkiýe ýaly ýerden biziñ köpbilmiş çepçilerimiziñ gören howpuny ukrainalylar görüp bilmezmi?

Nämüçin ukrain halkynyñ has köp demokratiýa, adam hukuklary, azatlyk we ykdysady bolçulyk üçin hemme zady göz öñüne tutandygyny, nähili gymmada düşse-de Russiýanyñ kölegesinden çykmak isleýändigini pikir edenoklar?

Ýa bolmasa bu hak-hukuklara we artykmaçlyklara diñe belli bir topara degişlimi? Başgalar özleri üçin has gowy zatlary arzuwlamaga haky ýokmy?

Günbataryñ nähilidigi ýa-da däldigi ortada. Emma hemme zadyñ aşagyndan Günbataryñ barmagyny gözlemegiñ geregi barmy?

Şu ýylyñ başynda Gazagystanda tolgunşyklar başlanda-da munuñ arkasynda ABŞ-dyr Ýewropa bileleşiginiñ bardygy aýdyldy.

Men bolsa öwran-öwran hadysalaryñ arkasynda hiç kimsäniñ ýokdugyny, diñe parahorlykdan, korrupsiýadan we işsizlikden bizar-peteñi çykan gazak halkynyñ janyndan doýup köçelere dökülendigini aýtdym.

Meniñ tutarygym şudy: Eger wakalaryñ añyrsynda biri bolsa, tolgunşyklar bular ýaly pytraññy, düzgün-tertipsiz we bimaksat bolmazdy.

Çykyşlaryñ (Russiýadaky oppozisioner lider Nawalnyý ýaly) ýakasy ady-familiýasy belli lideri bolardy we bu at Günbataryñ

habar beriş serişdelerinde ýyldyz bolardy.
Bularyñ hiç biri ýokdy. Çykyşlaryñ zorlukly basyp ýatyrylmagy bilen wakalar ýatyşdy we Gazagystan ýatdan çykdy.
Şindi geldik Ukraina. Bu gezegem ýene öñki ýaly komplimasiýa teoriýalary ortada.
Bir gezekligem bolsa, kelläñizi komplimasiýa teoriýalaryndan galdyryp, adamlaryñ has bagtly, has azat durmuş üçin aýaga galyp biljekdigini, munuñ üçin ölümligem bolsa islendik howpdan gaýtmajakdygyny pikir edip bileñzokmy?

Esedulla OGUZ,
Türkiýeli türkmen žurnalisti.

08.03.2022 ý. Publisistika